THE ASHGABAT TIMES

# Özbegistan 12 ýyllyk mekdep bilim ulgamyna geçmäge taýýarlyk görýär

Özbegistan mekdep bilim ulgamynda düýpli özgertmeleriň çäginde 12 ýyllyk okuw ulgamyna geçmäge taýýarlyk başlady. Bu barada ýurduň mekdebe çenli we mekdep bilim ministriniň orunbasary Sardor Radjabow "Özbegistan 24" teleýaýlymyna beren interwýusynda habar berdi.

Täze reforma 6 ýaşly çagalar üçin taýýarlyk ýylynyň mekdep gurluşyna goşulmagyny göz öňünde tutýar. Bu özgertmäniň esasy maksady – ýurduň bilim ulgamyny halkara ülňülerine laýyk getirmekdir.

S.Radjabowyň bellemegine görä, täze ulgam Özbegistanly uçurymlara daşary ýurt uniwersitetlerine gönüden-göni okuwa girmegi üpjün eder. Häzirki wagtda her ýyl takmynan 15 müň uçurym daşary ýurtlarda goşmaça taýýarlyk okuwlaryny geçmäge mejbur bolýar.

2022-nji ýylda geçirilen PISA halkara barlagynyň netijelerine görä, iň ýokary görkezijilere eýe bolan ýurtlaryň 85%-de mekdep biliminiň dowamlylygy 12 ýyl bolup durýar.

Täze bilim gurluşy bir ýyl taýýarlyk tapgyryny, dört ýyl başlangyç bilim tapgyryny, bäş ýyl umumy orta bilim tapgyryny we iki ýyl ýokary orta bilim tapgyryny öz içine alar. Bu reformany durmuşa geçirmek üçin "Bilim hakynda" we "Mekdebe çenli bilim we terbiýeçilik hakynda" kanunlara degişli üýtgetmeler giriziler.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026